# Seniñ äriñ gabanýar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Seniñ äriñ gabanýar… SENIŇ ÄRIŇ GABANÝAR…

Bir bolgusyz sebäp bozdy arany,
Seň ýoluňdan aýra düşdi men ýolum.
Indi bir-biregi görmedik bolýas,
Seň äriň gabanýar, meňem aýalym.

Ýogsam esasam ýok gabanmaklyga,
Soraşsak bes: «Niçik ýagdaýyň-halyň?..»
Ýöne biz şondanam çekinip ýörüs,
Seň äriň gabanýar, meňem aýalym.

Biz ölmesek, ölmez ýatlamalarmyz;
Ölmez ýürekdäki arzuw-hyýalam.
Muňa ikimizem düşünýäs kemsiz…
Seň äriň gabanýar, meňem aýalym.

Ýaşlyk ýyllarymy salyp ýadyma,
Sen barada goşgy ýazýan käýarym.
Arman, şonda adyň agzap bilemok,
Seň äriň gabanýar, meňem aýalym.

Italmaz NURYÝEW. Goşgular